# Adam ýazanda utanýar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Adam ýazanda utanýar ADAM ÝAZANDA UTANÝAR




Hezreti Alynyň aýdan bir sözi bar:
***«Adamy ýaşatjak bol – döwlet ýaşasyn!..»***
Şu dürdäne söze durmuşda amal edýänler az däl. Ýaponiýa taryhyň dürli döwründe dünýä boýunça tebigy heläkçilikleri iň köp başdan geçirýän ýurtlaryň biri. Her ýyl 1 müň 500-e golaý ýer titremesi bolup geçýär. 1896-njy ýyldaky Sanrikudan 1923-nji ýyldaky Kanto ýer titremesine çenli Ýaponiýa ýüz müňlerçe adamyny ýitirdi.
Şeýdibem, zol başdan geçirýän heläkçilikleri netijesinde Ýaponiýa geçmişden bäri ýer titremelerine garşy taýýarlykly bolma, okatma we ýeten zyýany azaltma başarnygy bilen dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň birine öwrüldi.
Heläkçilikler Ýaponiýanyň tebigy heläkçilikler boýunça syýasatyna ýiti täsirini ýetirdi. Özem bu boýunça alnyp barylýan işleriň hiç yzy üzülmedi. Mysal üçin:
2011-nji ýylyň 11-nji marty. Ýaponiýa alty minutlap dowam eden 9.0 ballyk Tohoku ýer titremesinde (we yzyndan 39 metr belentlige ýeten tsunamide) 18 müň 431 adamyny ýitirdi! 400 müňden gowrak bina ýykyldy, 100 müň adam ýaşaýan ýerinden göçürildi, 433 müň km² meýdan suwlaryň astynda galdy. Zyýanyň maddy möçberi 309 milliard dollara barabar boldy.
Ýaponiýa geçmişde başdan geçiren synagy sebäpli hemmetaraplaýyn kanuny üýtgeşmelere eýe ýurtdy. Ýöne bu ýer titremesi kanunçylyk babatda käbir kemçilikleri ýüze çykardy.
Eýsem, Ýaponiýa beýle näme etdi-de, geçen ýyl 2022-nji ýylyň

16-njy martynda Fukuşimadaky 7.3 ballyk ýer titremesinde baryýogy iki adamy öldi!




* * *

Ikinji jahan urşunyñ yzysüre Ýaponiýa 1947-nji ýylda Tebigy heläkçilikler hakdaky kanunyny çykardy. On dört ýyl soñ tebigy heläkçiliklere garşy göreşde merkezi hökümetiñ we ýerli dolandyryş edaralarynyñ jogapkärçiliklerini kesgitleýän «Tebigy heläkçiliklere garşy öñüni alyş işleri boýunça jemkanunyny» güýje girizdi.

Görseler, tebigy heläkçiliklerden soñ geçiriljek işlerden taýýarlyk-öñüni alyş işlerine üns bereniñ has amatly eken. Ýyl geçdigiçe kabul etme (восприятие), öñünden duýduryjy enjamlary, howp ugurlary boýunça kartalary, göçürme meýilnamalary, okuw jaýlarynda we iş ýerlerinde tebigy heläkçilikler boýunça berilýän yzygiderli okuw sapaklary, türgenleşikleri öz içine alýan giñ gurşawly işleri durmuşa geçirdi.

Meselem… Ýerden peýdalanmak boýunça meýilnamasyna üns berdi, gurluşyk bolmaly ýerleri täzeden kesgitledi. Diñe binalar sarsgyna çydamly gurulmady, jaý-gurluşyk tejribesi-de

güýçlendirildi. Bir mysal bereýin:




* * *

Ýaponiýanyň kanunlarynda adamlaryň ýaşamaly jaýlarynyň taslamasyny işläp düzmegi we ýer titremesine çydamlylyk hasaplamalaryny diňe “genjiguşy” diýilýän hünärmenler edýär. Özem:

Gurluşyk inženerleri ýol, tunnel, bent ýaly uly infrastruktura taslamalarynda hasaplamalary etse-de, genjiguşularyň sözi bulara-da ýöreýär. Şol sanda…

Gurluşygyň başlamagy bilen birlikde şol jogapkär adamlar hiç hili tolerantlyk görkezmezden gurluşygyň şertnama we standartlara laýyk gurlup-gurulmaýandygyna gözegçilik etmegi özlerine mukaddes borç hasaplaýarlar. Meselem:

2019-njy ýyl. Tokiodaky “Leopalace21” atly ýapon gurluşyk şereketiniň guran jaýlarynda diwaryň ses we ýangyn geçirmeýän aýratynlyklarynyň ülňä laýyk däldigi ýüze çykarylyp, şereketiň ýurtda gurýan 40 müje golaý ýaşaýyş jaýynda tetkik kararı aldy. Kompaniýa 72.1 milliard ýen zyýan çekdi. Ine, şeýdibilseň, ýer titremesi öldürenok, binalar ýykylanok!




* * *
A Türkiýede nähili?
Tebigy heläkçilikler hakdaky kanuny üýtgeşmeler birinji gezek 32 müñ 962 adamyñ gurban bolan, 116 müñ 720 binanyñ ýykylan, 7.2 ballyk 1939-njy ýyldaky Erzinjan ýer titremesinden tegelek ýigrimi ýyl geçenden soñ 1959-njy ýylda girizildi! Özem bular esasan tebigy heläkçilikden soñ ediljek işler bilen baglanyşyklydy. Heläkçilikden öñ ýer meýilnamasy, gurluşyk işleriniñ güýçlendirilmegi, synag-tejribe ýaly öñüni alyş işleri kän ýokdy!
Netije…
Erzinjan ýer titremesiniñ meñzeşini 84 ýyldan soñ ýene başymyzdan geçirmeli bolduk.
Adam ýazanda utanýar. 84 ýyllap nirde boldy adamyñ arkasynda durýan, adamy goldaýan döwlet?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 08.03.2023 ý. Publisistika